**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna**
на 1 апреля 2025 года
as of April 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

**BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI**
3

**MILLI BAHAR BAÝRAMY MYNASYBETLI «AJAP GÖZELLIGINI PAÝLAP ÄLEME, NOWRUZ GELDI ARKADAGLY ILIME» ATLY DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI**
5

**BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ KÜŞT GÖRNÜŞI BOÝUNÇA «BANK 2025» KUBOGYNY ALMAK UGRUNDA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI**
6

## SELJERIŞ MAKALALARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

**«GALKYNYŞ» TÖLEG ULGAMY: KÖPUGURLY SANLY MÜMKINÇILIK**
7

**ÝAŞLARY GOLDAMAK - DÖWRÜŇ TALABY**
12

**ŞANLY ÝYLYŇ MÖHÜM ÄDIMLERI**
15

**MÜŞDERILER ÜÇIN DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER**
18

**TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY: HALK BÄHBITLI HYZMATLAR**
21

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
24

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
26

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň mart aýynyň dowamynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde hem-de Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2025-nji ýylyň 10-14-nji marty aralygynda ýurdumyzyň banklarynyň Hukuk gullugynyň hünärmenleri üçin Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde «Bank işinde hukuk meseleleri» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynda Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygy, bank ulgamynyň kadalaşdyryjy hukuknamalary, raýatlara gozgalmaýan emläkleri satyn almak üçin berilýän karzlary resmileşdirmekde banklaryň karz syýasatynyň aýratynlyklary, halkara täjirçilik arbitražlarynyň hukuk meseleleri, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň seredýän işleriniň aýratynlyklary boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar. Okuw maslahatyň dowamynda bank ulgamynyň işinde ýüze çykýan hukuk meseleleri, kadalaşdyryjy hukuk namalary döwlet belligine almagyň meseleleri, karz edaralarynyň hukuklaryny we bähbitlerini kazyýet edaralarynda goramagyň meseleleri, karz edaralarynyň müşderiler bilen baglaşýan şertnamalaryndan gelip çykýan hukuk meseleleri, döwlet gullukçysynyň etikasy we estetikasy barada giňişleýin gürrüň berildi.

2025-nji ýylyň 10-14-nji marty aralygynda ýurdumyzyň banklarynyň ykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirlikleriniň (bölümleriniň) hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda bank statistikasy, pul-karz syýasaty, milli hasaplar ulgamy we esasy makroykdysady görkezijiler, pul-karz görkezijilerine syn, halkara maliýe guramalary we olaryň Türkmenistan döwletimiz bilen arabaglanyşygy, Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty, ykdysady taraplaryň hasabatlylygynyň auditiniň kanunçylyk we kadalaşdyryjy resminamalary, bank statistikasy, halkara söwda ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi.

2025-nji ýylyň 24-28-nji marty aralygynda ýurdumyzyň banklarynyň hünärmenleri üçin Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Bank karzlaşdyrmasy» atly okuw maslahatynda daşary ýurt karzlary we olaryň aýratynlyklary, halkara maliýe guramalaryndan karz çekmekligiň ädimleri we resminamalary, halkara göterimleriň hasaplanylyşy we karzyň gaýtarylmagy, kärhanalaryň we guramalaryň algy-bergilerine seljerme, bazar ykdysadyýetinde karzyň orny we karz gatnaşyklary, pul-karz syýasatynyň maksatlary we gurallary, döwlet tabşyrygyna degişli oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmekligiň önümçilik harajatlaryny karzlaşdyrmak we hasaplaşyklary geçirmek barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da karzyň üpjünçilikleri we olaryň görnüşleri, karz töwekgelçilikleriniň görnüşleri, müşderileriň karza ukyplylygyna baha bermek, karza ukyplylygyň innowasion usullary, ýurduň ykdysadysadyýetini ösdürmekde ýeňillikli karzlaryň tutýan orny, karz bukjasynyň dolandyrylyşy boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2025-nji ýylyň 24-28-nji marty aralygynda ýurdumyzyň karz edaralarynyň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy» atly okuw maslahaty geçirildi. Geçirilen okuw maslahatyň dowamynda banklarda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda işleriniň guralyşy,

bank ulgamynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň usulyýeti, bank hasabyny açmagyň, gaýtadan resmileşdirmegiň we ýapmagyň tertibiniň düzgünleşdirilişi, banklarda esasy serişdeleri hasaba almak, ykrar etmek hem-de ulanyş tutumyny hasaplamagyň aýratynlyklary, bankyň aktiw we passiw amallary, ykdysady taraplaryň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň guralyşynyň we hasabatlylygyň auditi, bank ulgamynda iş saparlary bilen bagly amallaryň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezilişi, bankara hasaplaşyklar ulgamy, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri we aýratynlyklary, karz edaralarynda daşary ýurt pulundaky amallaryň geçirilişi we buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezilişi barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da geçirilen okuw maslahatlarynyň dowamynda bank hasabyny açmagyň, gaýtadan resmileşdirmegiň we ýapmagyň tertibiniň düzgünleşdirilişi boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-den gowrak bank işgäri gatnaşdy.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi

# MILLI BAHAR BAÝRAMY MYNASYBETLI «AJAP GÖZELLIGINI PAÝLAP ÄLEME, NOWRUZ GELDI ARKADAGLY ILIME» ATLY DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 12-nji martynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşi bilen bilelikde guramagynda Milli bahar baýramy mynasybetli «Ajap gözelligini paýlap äleme, Nowruz geldi Arkadagly ilime» atly dabaraly maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň mejlisler jaýynda geçirilen dabaraly maslahata ýurdumyzyň bank ulgamynda zähmet çekýän zenan işgärler hem-de köpçülikleýin habar beriş edaralarynyň wekilleri gatnaşdylar.









2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy, şeýle hem Milli bahar baýramy mynasybetli geçirilen çäräniň başynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň sergisine syn edildi.

Dabaraly maslahatda çykyş edenler nowruz dessurlarynyň hem-de bu milli baýramçylygyň ýurdumyzdaky ähmiýeti dogrusynda giňişleýin belläp geçdiler. Ata-babalarymyz Nowruzy täzelenişiň nyşany, täze durmuşyň başlangyjy hasaplapdyrlar, bagtyň, berekediň gelmegi hökmünde garşylapdyrlar. Halkyň kalbynda we hakydasynda ýaşap gelen bu baýramy täze ýylyň başlanmagy hökmünde baýram edipdirler. Pederlerimiziň çuň pelsepesinden, garaýyşlaryndan gözbaş alyp, asyrlaryň dowamynda ruhubelent türkmen halkynyň ruhy durmuşynda aýratyn möhüm orny eýelän bu baýram Türkmen döwletiniň şöhratly täze senenamasynda täze mazmuna, täze ruha, täze röwşe eýe boldy diýip dabara gatnaşyjylar buýsanç bilen nygtadylar. Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Täze taryhy zamanamyzda milli baýramçylyklarymyzy ýokary derejede bellemäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyşlaryny beýan etdiler.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi

# BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ KÜŞT GÖRNÜŞI BOÝUNÇA «BANK 2025» KUBOGYNY ALMAK UGRUNDA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI

Hormatly Prezidentimiziň döwletimizi we jemgyýetimizi hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmek ugrundaky alyp barýan döwlet syýasaty netijesinde halkymyzyň saglygyny pugtalandyrmak, ýurdumyzda ýokary derejedäki milli sporty ösdürmek babatynda durmuşa geçirýän bahasyna ýetip bolmajak toplumlaýyn özgertmeler merdana halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär, beýleki halklara bolan dostluk we hormat goýmak gatnaşyklaryny ösdürýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda ekologik medeniýetini kemala getirmäge gönükdirilen başlangyçlary netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişleri, awtoulagsyz günleri, bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çärelerini geçirmek däbi has-da dabaralanýar. Bu çäreler türkmeniň ajaýyp ertiri, ýagty geljegi bolan ýaşlary ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik, lebzihalallyk, gujur-gaýratlylyk, başarjaňlyk ruhunda terbiýelemäge uly ýardam berýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynda zähmet çekýän bank işgärleriniň arasynda sportuň dürli görnüşleri boýunça bäsleşiklii sport çäreleri hem yzygiderli geçirilýär. Muňa mysal hökmünde şu ýylyň 14-nji martynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda sportuň küşt görnüşi boýunça «Bank 2025» kubogyny almak ugrunda geçirilen bäsleşikli sport çäresini görkezmek bolar.

«Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan geçirilen çekeleşikli bäsleşigiň netijesinde 1-nji orna Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň we «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň wekilleri, 2-nji we 3-nji orunlara bolsa Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň wekilleri mynasyp boldular. Ýeňiji bolanlara bäsleşigiň gymmatbahaly sowgatlary gowşuryldy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



# «GALKYNYŞ» TÖLEG ULGAMY: KÖPUGURLY SANLY MÜMKINÇILIK

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek we mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän bank amallarynyň görnüşleri artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar. Şu ýylyň 31-nji ýanwarynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimize Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan bank işiniň täze usullaryny ornaşdyrmak, hususan-da «Galkynyş» töleg ulgamyny işläp taýýarlamak babatda degişli işleriň geçirilendigi barada hasabat berildi. Täze töleg ulgamy raýatlaryň bank amallaryny öz ykjam enjamlary arkaly dolandyrmagy, maliýe-bank ugurly isleglerini kanagatlandyrmagy üçin örän amatly hem-de zerur mümkinçilikleri özünde jemleýär.

Halkara maliýe-bank amallaryny özünde jemleýän täze sanly töleg ulgamynyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylynda döredilip işe girizilmegi daşary ykdysady gatnaşyklaryň has-da kämilleşdirmekde özboluşly ähmiýete eýedir.

Häzirki döwür — dünýä ýüzünde ykdysadyýetiň möhüm bölegine öwrülýän depginli innowasion ösüşleriň döwri. Bu ösüşleriň özeninde durýan esasy derwaýys wezipeleriň biri bolsa sanly ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmek bolup durýar. Ýurdumyzda bu babatda kabul edilen «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» maksatnamalaýyn durmuşa geçirilýän taslamalaryň esasynda durýar. Onda kesgitlenen wezipelerden, şeýle-de maliýe-bank ulgamynyň pudaklaýyn maksatnamalardan we meýilnamalaryndan ugur alnyp, bu günki günde ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan sanly bank hyzmatlary ýaşaýyş-durmuş çygrynda köp sanly ýeňillikleri döredýär. Döwrebap «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlarynyň işlenip taýýarlanylmagy raýatlaryň wagtynyň ep-esli tygşytlanmagyna ýardam edýär, şeýle hem maliýe amallary boýunça gatnaşyklaryň bitewi çeýe ulgamyny emele getirýär.



Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasynyň arasynda gol çekilen «Bank işinde işewürligi alyp barmagy we sanly özgertmeleri goldamak» atly taslamanyň çäklerinde «NETinfo» kompaniýasy tarapyndan «Galkynyş» töleg ulgamy işe girizildi.

Bu töleg ulgamy ilkinji nobatda, fiziki we ýuridik şahslara internetiň üsti bilen milli hem-de daşary ýurt pullarynda tölegleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Ulgamyň üsti bilen edara we şahsy görnüşli taraplar sanly ulgamda dürli görnüşli tölegleri amala aşyrmak, pul serişdelerini goýuma goýmak, karzlary we bank kartlaryny almak üçin ýüzlenmelerini onlaýn görnüşinde ibermek, bank kartlaryna pul serişdelerini geçirmek, öz bank hasaplaryny dolandyrmak, ondaky pul serişdeleriniň hereketine gözegçilik etmek, şeýle hem hasaplary boýunça geçirilen amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçiliklerden peýdalanyp bilýärler. Bu bolsa işewürligi ösdürmek üçin amatly şertleri hem-de ilata goşmaça ýeňillikleri döredýär. Şeýle hem programma üpjünçiligine esaslanýan «Galkynyş» töleg ulgamy bank ulgamyna ykjam bank tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen, has köp zähmeti we wagty talap edýän işleri sanlylaşdyrmaga, hyzmatlaryň gerimini giňeltmäge, olaryň tizligini ýokarlandyrmaga, bank işiniň netijeliligini, takyklygyny we hilini ýokarlandyrmaga niýetlenendir.

«Galkynyş» töleg ulgamynyň amatly mümkinçilikleriniň biri hem ondan ykjam enjamlar arkaly peýdalanylmagydyr. Ulanyjylar programma üpjünçiligini islendik wagt we islendik ýerde açyp, degişlilik-de şahsy we bank kartynyň maglumatlaryny girizmek arkaly bank amallaryny ýerine ýetirip bilýärler. Şunuň bilen baglylykda, kartyň hasaby we müşderiniň maglumatlarynyň goraglylygy bank tarapyndan ýokary derejede üpjün edilýär. Töleg ulgamynyň programma üpjünçiligi müşderileriň ondan ýeňillik bilen peýdalanyp bilmegi üçin sada we aýdyň görnüşde işlenip taýýarlanyldy. Onda şahsy hasabyny açmak we bank hasabyny dolandyrmak birnäçe tapgyrdan ybarat bolup durýar. Töleg ulgamynyň ulanyjysy hökmünde hasaba alnyp, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň bank kartlaryny girizmek hyzmatyň deslapky tapgyrydyr.




Munuň üçin müşderilerimiz ilki bilen ulgamyň baş sahypasynda «Agza bolmak» düwmesine basyp, penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşinde doldurmak arkaly özbaşdak ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni bir gezeklik döredýär. Ýagny, açylan penjirede şahsy maglumatlar (ulanyjynyň ady we familiýasy, elektron poçtasynyň salgysy, telefon belgisi) girizilenden soň, ulanyjynyň elektron poçtasynyň salgysyna ulanyjy ID belgisi hem-de telefon belgisine SMS habarnamasy arkaly bir gezeklik açar sözi iberiler.

Bulary «Giriş» sahypasynda ulgama girmek üçin niýetlenen öýjüklere ýazyp, açar sözi göçürip alynýar.







Çünki ulanyjy ony göçürip alyp, «Paroly çalyşmak» sahypasynda hemişelik açar sözüne çalyşmalydyr. Şeýle edilende, açar sözi ýatda saklamak üçin ýerlikli bolar.

«Düzgünler we şertler» sahypasyna geçilende, bankyň ygtyýarnama şertnamasyny doly okamak maslahat berilýär. Şertler bilen ylalaşylandan soň, amallar tassyklanylyp, ulgama islendik wagt dessine girmegi kepillendirýän hasap açylýar.

«Galkynyş» töleg ulgamynyň esasy sahypasynda ýokarda agzalan maliýe amallary yzygiderli tertipde beýan edilýär. Olar «Hasaplar», «Geçirimler», «Gurallar», şeýle hem «Hyzmatlar» diýen bölümlerden ybarat bolup, olarda mowzuklaýyn hyzmatlaryň dürli görnüşleri ýerine ýetirilýär. Baş sahypada hasaplar barada maglumatlary görmek, çalt salgylanmalar, widjet, hasap boýunça onlaýn amallar, daşary ýurt pullarynyň alyş-çalyş amallarynyň gündelik hümmetleri, bank bilen habarlaşmak, ýatda saklanan alyjylaryň sanawy, müşderiler üçin elýeterli sazlamalar ýaly bölümçeler ýerleşdirilen. Olar ýerine ýetirilýän amallary ýatda saklamak, hasaplamak, deňeşdirmek, taryhyny görmek, şeýle hem programmanyň dil we beýleki aýratynlyklaryny sazlamak ýaly şertlerden ybarat bolup durýar.

«Hasaplar» bölüminde hasap boýunça amallaryň taryhyny görmek mümkindir. Ol ýerde hasabyň maglumatyny görüp, ýitirilen ýa-da döwlen karty täzeden alyp, şeýle hem karty togta-

dyp bolýar. Şunda hasaplaryň hereketini müşderiniň islegine görä «excell» ýa-da «pdf» görnüşinde ýükläp almak hem göz öňünde tutulan. Mundan başga-da bu bölümde müşderilere has oňaýly bolmagy üçin hasaplar boýunça toplumlaýyn maglumaty görmek bölümçesi hem girizildi.

Programma üpjünçiliginiň ýene bir aýratynlygy tölegleri geçirmek bölümidir. Onda ulanyjylar öz hasaplarynyň arasynda, beýleki banklaryň müşderilerine, ýerli banklara,




halkara derejede tölegleri geçirip bilýärler. Bu sahypada töleg geçirilende esasy maglumatlar - geçirilýän pul serişdeleriň hasaby, alyjynyň hasaby, tölegiň möçberi we maksady görkezilýär. Tölegleriň geçirilişi görnüşine laýyklykda biri-birinden tapawutly bolup, olarda tölegiň zerur şertlerine görä, käbir goşmaça girizilmeli maglumatlar beýan edilýär.

Ulgamda hödürlenilýän gurallar esasy amallardan daşary, goşmaça hasaplama işlerini ýerine ýetirmek üçin amatlydyr. Daşary ýurt pullarynyň milli pula bolan gatnaşyklaryny hasaplap bolýar. Ol häzirki wagt tertibinde daşary ýurt pullarynyň birnäçesiniň hümmetlerini kesgitleýär. Karz kalkulýatory hem goşmaça gurallaryň biri bolup, karz serişdeleri bilen gyzyklanýanlar üçin ähli şertleri girizip, karzyň möçberini bilmäge ýardam edýär. Karz kalkulýatory saýlanan karz boýunça aýlyk tölegi we aýlyk esasynda karz hasaplamasy diýen iki görnüşde hödürlenilýär. Bu bölümiň ýene bir wezipesi bankyň tehniki goldaw gullugy bilen hat alyşmak arkaly habarlaşmaga niýetlenen bolmagydyr. Has takygy, şunda müşderi bank amallary bilen bagly özüne gyzykly bolan islendik sowaly bankyň degişli gullugyna habarnama sahypasynda ýazyp, kanagatlandyrýan jogaby alyp biler.

Bulardan başga-da, programma üpjünçiliginde deslapky ýagdaýda banka birnäçe maksat bilen ýüz tutmak hyzmatlary girizildi. Ulanyjy bu sahypada goýum, karz, kart açmak, karty togtatmak, milli puly erkin daşary ýurt puluna öwürmek, resmi hasabat ýaly maksatlar bilen banka ýüz tutup bilýär. Mysal üçin müşderi «Galkynyş» töleg ulgamynyň üsti bilen täze bank kartyny açmak üçin ýüz tutanda, degişli sahypada öz ulanyjy maglumatyny, gerekli kartyň görnüşini girizmelidir. Şeýle hem goşundy resminamasy hökmünde Türkmenistanyň raýatynyň daşary ýurt pasportynyň elektron nusgasyny ýüklemelidir. Ulanyş düzgüni bilen tanyş bolanyndan soň, müşderi açylan penjirede öz ýaşaýan ýeriniň (şahsyýetini anyklaýyş resminamasynda görkezilen) anyk salgysyny girizýär. Şeýlelik bilen bank «Türkmenpoçta» gullugynyň çaparçylyk hyzmaty arkaly sargyt edilen bank kartyny müşderiniň salgysyna eltip berýär.

Töleg ulgamynyň hödürleýän bu mümkinçilikleri «Internet-bank» hem-de «Mobil-bank» ulgamlarynyň dünýä tejribesindäki häzirki zaman ösüş ugurlaryna doly kybap gelýär. Ol

bankyň müşderilerine ýörite wagt sarp edip banka barmazdan, sanly ulgamda amallary dolandyrmaga şert döredýär. Menzilara bank hyzmatlarynyň bu täze usuly müşderileriň zerurlyklaryny kanagatlandyrýar. Onuň esasy häsiýetli aýratynlyklary goşmaça hyzmatlar bilen birlikde, bankyň hyzmatlarynyň bitewi toplumyny bir ulgamda jemleýändigi bilen baglydyr.

Ýeri gelende belläp geçsek, soňky ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň sanly hyzmatlarynyň gerimi görnetin giňelip, wirtual bank karty döredildi, bankyň resmi www.tfeb.gov.tm internet sahypasy arkaly bank amallaryndan peýdalanmak täzeçil usullar esasynda kämilleşdirildi. «Galkynyş» töleg ulgamy bolsa bu hyzmatlaryň üstüni ýetirip, hyzmatlara bolan elýeterliligiň umumy ulgamlaýyn häsiýete eýe bolmagyna ýol açýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamyny döwrüň talabyndan ugur alyp kämilleşdirmek bilen bagly öňde goýlan wezipeler hormatly Prezidentimiziň «Döwür biziň ählimizden täzeçillikleri talap edýär» diýip belleýän we durmuşa geçirýän oýlanyşykly syýasy başlangyçlarynyň möhüm ugurlarynyň hataryndadyr. Bu ugurda degişli maksatnamalaýyn meýilnamalarda kesgitlenen, raýatlaryň isleglerine laýyk gelýän netijeli işler amala aşyrylyp, olaryň gerimi geljekde täze sanly taslamalar bilen has-da baýlaşdyrlar.

**Merjen LOKKAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň Marketing bölüminiň başlygy,
Ilkinji zenanlar guramasynyň işjeň agzasy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# ÝAŞLARY GOLDAMAK - DÖWRÜŇ TALABY

Ýurdumyzyň at owazasyny bütin äleme ýaýmakda halkymyzyň çäksiz söýgüsine eýe bolan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň miwesi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu günki gün türkmen halky ata-babalarymyzyň arzuwlan, arzuwlaryň amala aşýan, hyýalyň hakykata öwrülýän bagtyýar zamanasynda ýaşaýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz günsaýyn ösüşlere tarap bedew bady bilen diňe öňe tarap barýar. «Halkara ynanyşmak we parahatçylyk ýyly» diýlip yglan edilen ýylynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda ýurdumyzy diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmeklik öňde goýulýan esasy wezipeleriň biridir. Ýurdumyzda ähli ugurlary ösdürmeklik bilen bir hatarda döwletimiziň ykdysadyýetini, şol sanda maliýe we bank ulgamyny ösdürmeklige hem aýratyn uly üns berilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda geljegimizi ynamly gurmakda ýaşlara aýratyn orun degişlidir we ýaşlara bildirilýän ynam ýokarydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar biziň geljegimizdir» diýip belleýär. Şu nukdaýnazardan ugur alyp biziň ýurdumyzda durmuşa geçirilýän esasy ugurlaryň ýene biri hem ýaşlar barada döwlet syýasatynyň maksatlaryny, wezipelerini, ýörelgelerini we esasy ugurlaryny kesgitlemeklige, şeýle hem ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmeginde hem-de olaryň kämil şahsyýetler hökmünde kemala gelmeginde döwlet goldawynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir.

Ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek - döwlet häkimiýet edaralarynyň, raýat jemgyýetiniň we maşgala institutlarynyň durmuş-medeni we ruhy-ahlak gymmatlyklara hem-de adamyň, maşgalanyň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine gönükdirilen, türkmen jemgyýetinde kabul edilen düzgünlere we kadalara esaslanýan, şahsyýetiň kämilleşmegine, ýaşlaryň öz ukyp-başarnyklaryny we zehinini ýüze çykarmagy we jemgyýetde mynasyp ornuny tapmagy üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilen hem-de ýaşlarda öz Watanyňa söýgi we wepalylyk duýgusyny, Watanyň bähbitlerini goramak boýunça raýat we konstitusion borçlary ýerine ýetirmäge jogapkärçilikli garaýyşlary, ruhy-ahlak päkligini kemala getirmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmek bilen bagly ulgamlaýyn, maksatlaýyn we köpçülikleýin aň-bilim, terbiýeçilik işini guramaklyga aýratyn uly üns berilýär.

Banklar tarapyndan ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň çygrynda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde tölegli esasda bilim alýan talyplara ýyllyk 5 göterim bilen ýeňillikli karzlar berilýär.

Bulardan başgada, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň «Daýhanbank» we «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banklary, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň okuw töleglerini we halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlarynyň hasaplaryna manat serişdelerini degişlilikde «Galkynyş», «Menzilara bank», «Onlaýn halkara töleg», «Sanly töleg» ulgamlary arkaly hyzmatlary arkaly onlaýn görnüşinde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçilikleri döredildi. Häzirki wagtda bu hyzmatlaryň giň mümkinçiliklerinden peýdalanýan raýatlaryň sany günsaýyn artýar.

«Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna hem-de «Türkmenistanda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak

hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda durmuş guran ýaş maşgalalara olaryň ýüztutmalary esasynda olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin Türkmenistanyň ähli döwlet we paýdarlar täjirçilik banklary tarapyndan 3 ýyl möhletli ýyllyk 1 göterim bilen 20 000 manat möçberinde ýeňillikli karz serişdeleri berilýär. Şeýle hem, ýurdumyzyň bank ulgamynda hereket edýän döwlet we paýdarlar täjirçilik banklary tarapyndan degişlilikde täze ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin gozgalmaýan emläk üçin karzlary bermeklik ýola goýuldy. Durmuş guran ýaş maşgalalara täze ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin gozgalmaýan emläk üçin ýeňillikli karzlar Türkmenistanyň ygtyýarly banklary tarapyndan «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek hakynda», «Şäherlerde, etrap merkezlerinde we şäherçelerde dört gatly köp öýli ýaşaýyş jaýlaryny gurmak hakynda» şeýle hem, «Türkmenistanda hususy ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlaryna laýyklykda gurulan ýaşaýyş jaýlaryndan satyn almak üçin 30 ýyla çenli möhlet bilen berilýär.

Ýaşlary telekeçilige höweslendirmek, goldamak maksady bilen, ýaşlaryň telekeçilik işine başlamagyny ýönekeýleşdirmek, çaltlaşdyrmak hem-de kiçi we orta telekeçilige degişli ýuridik şahslary döretmekde maýa goýmagy ýeňilleşdirmek hem-de telekeçileriň maliýe we tehnologiýa elýeterliligini giňeltmek boýunça hem işler durmuşa geçirilýär. Milli ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda telekeçilik işine döwlet goldawyny bermek, täze iş ýerlerini döretmek, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga başlaýan fiziki şahslaryň – hususy telekeçileriň telekeçilik başlangyçlaryny goldap, maýa goýum işjeňligini höweslendirmek maksady bilen, Türkmenistan boýunça bellenen iň pes aýlyk zähmet hakynyň 500 essesine çenli möçberde ýyllyk 5 göterim bilen, esasy bergini üzmek boýunça 2 ýyl ýeňillikli döwri bolan 7 ýyl möhlete karzlary berilýär.

Tertipnamalaýyn işleri amala aşyrylanda ýaşlar birleşiklerine, ýaşlar kärhanalaryna we ýaşlar gaznalaryna maliýeleşdirmek, karzlaşdyrmak, salgyt salmak, maddy-enjamlaýyn üpjünçilik babatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýeňillikleri berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde hususy pudagy ösdürmegiň möhüm ähmiýeti bar. Ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, ýaş telekeçileri goldamak ugrunda düýpli işler alnyp barylýar. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda ýurdumyzyň ygtyýarly banklary tarapyndan daýhan birleşiklerine, daýhan hojalyklaryna, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, oba hojalyk ylmy-barlag institutlaryna, mülkdarlara, kärendeçilere, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçilere we döwlete dahylsyz ýuridik şahslara-dahyllylara oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskowatorlary hem-de buldozerleri, suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak üçin hem-de maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, gaýtadan işlemek hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem, esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin ýeňillikli karzlar berilýär.

Ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileri döwlet tarapyndan maliýe taýdan goldamaklygyň esasy maksatlary oba hojalygyna innowasiýalary, döwrebap tehnologiýalary we öňdebaryjy usullary ornaşdyrmagyň hasabyna ýerleriň hasyllygyny ýokarlandyrmakdan, şol sanda ýerlerden rejeli peýdalanmakdan, ulanylmaýan ýerleri özleşdirmekden we ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini hem-de ýurdumyzda ön-

dürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmakda, oba ilatynyň ýaşaýyş şertlerini has-da gowulandyrmakdan, täze iş orunlaryny döretmek hem-de oba hojalyk önümlerini öndürijileriň girdejilerini artdyrmakdan ybaratdyr.

Ýaşlary goldamaklyk ugrunda alnyp barylýan işleriň hatarynda banklar tarapyndan ýaş hünärmenleri ýetişdirmek boýunça ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri bilen işjeň ýagdaýda işler alnyp barylýar. Ýaş alymlaryň, inženerleriň, tehnologlaryň we hünarmenleriň ylmy barlaglaryny höweslendirmek, ýaşlary bilelikdäki ylmy taslamalary durmuşa geçirmäge çekmek, olary daşary ýurtlarda geçirilýän halkara ylmy maslahatlaryna, duşuşyklaryna ibermek, ýaş alymlaryň arasynda onlaýn görnüşinde halkara ylmy maslahatlaryny guramak maksat edinilýär.

Ýurdumyzda ornaşdyrylýan bank hyzmatlary barada bank ulgamynyň wekilleriniň makalalary ýurdumyzyň gazet-žurnallarynda, şol sanda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aýlyk neşir edilýän «Bank habarlary» žurnalynda yzygiderli çap edilýär. Şeýle hem, bank hünärmenleri Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gurnamagynda geçirilýän ýurdumyzyň Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilýän ykdysady okuwlaryna yzygiderli gatnaşýarlar.

Mundan başga-da daşary ýurt banklaryň ykdysady okuwlaryna onlaýn görnüşinde gatnaşýarlar we talyp ýaşlar bilen daşary ýurt bilermenleriniň gatnaşmagynda ylmy-amaly maslahatlary onlaýn görnüşinde guralýar, şeýle hem bank ulgamyndaky täzelikleriň ýaşlaryň dykgatyna ýetirmek we ünslerini çekip bank ulgamyna gelejekde hünär taýdan taýýarlykly hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde talyp ýaşlar bilen bank işgärleriniň gatnaşmagyna ylmy-amaly maslahatlary gurnaýarlar we bu maslahatlara bank ulgamynyň hünärmenleri işjeň gatnaşýarlar.

Ýurdumyzda alnyp barylýan ähli işleriň özeninde halkyň bähbidi bar, çünki biziň ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan – diňe halky bilen Watandyr! Döwlet – diňe halky bilen döwletdir!» şygary baş ýörelgämizdir. Biz ýaşlara öwrenmäge, döretmäge, halal zähmet çekmäge, abadan durmuşda ýaşamaga, ýurdumyzyň ykdysady ösüşine öz goşandymyzy goşmaga ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys. Türkmenistan döwletimizi günsaýyn bedew bady bilen diňe öňe, ösüşlere tarap alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Maýsa GURBANOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Ylmy-önümçilik geňeşiniň esasy hünärmeni

# ŞANLY ÝYLYŇ MÖHÜM ÄDIMLERI

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasyna» laýyklykda, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda ýurdumyzyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda hem sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bu ugurda banklaryň bäsdeşligini ýokarlandyrmak babatynda netijeli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryna ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny, öňdebaryjy halkara tejribeleri esasynda innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylýar.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky geçen asyryň 20-nji ýyllarynda ýurduň çäginde döredilen ilkinji täjirçilik banklarynyň biri bolup, onuň döredilmeginiň esasy maksady, ýurtda oba hojalyk pudagynyň ösüşine, täjirçilik we önümçilik işi bilen meşgullanýan telekeçileri, hususy kärhanalary ösdürmeklige ýardam bermekden ybarat.

Bank tarapyndan ýurdumyzyň oba hojalygynda alnyp barylýan özgertmeleriň çäklerinde, oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, içerki bazarda azyk bolçulygyny döretmek we ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak bilen bagly maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmak, önüm öndürijilere edilýän bank hyzmatlaryny has-da kämilleşdirmek ýaly durmuş ähmiýetli işler ýokary işjeňlik bilen alnyp barylýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň 51 sany şahamçasy we 8 sany bank gullugy öz işjeňligini alyp barýar. Bank tarapyndan ýuridik we fiziki şahslara «Menzilara bank», «Cash-back», «Kiçi göwrümli karz», «Talyp karzy», «Owerdraft karzy», «Toý karzy», «Meleguş pul geçirimi» ýaly birnäçe hyzmatlaryny ýerine ýetirip gelýär.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynyň dowamynda berlen karzlaryň jemi möçberi 1 306,4 mln. manatdan geçdi, şol sanda döwlete dahylsyz kärhanalara we hususy telekeçilere berlen karzlaryň möçberi 163,3 mln. manada, raýatlara berlen karzlaryň möçberi bolsa 567,0 mln. manada ýetdi. Şu ýylyň birinji çärýeginiň dowamynda bu bank tarapyndan önümçilik we önümçiligi giňeltmek maksatly berlen karzlaryň jemi möçberi 61,3 mln. manatdan geçdi.

Mundan başga-da bu bank tarapyndan raýatlara sarp ediş maksatly karzlar hem dowamly berilýär, şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda bu bank tarapyndan ýurdumyzyň raýatlaryna berlen sarp ediş maksatly karzlaryň möçberi 313,7 mln. manatdan geçip, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 26,3 göterim artdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda raýatlara hususy ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin uzak möhletli karz seriş-






deleri goýberilýär. 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynda bu ugur boýunça raýatlara berlen karzlaryň möçberi 253,3 mln. manada ýetdi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ilatyň erkin pul serişdelerini banka möhletli we talap edilýänçä görnüşli goýumlara çekmek boýunça hem degişli işler alnyp barylýar.

Mundan başga-da bu bank tarapyndan sanly ulgamy ösdürmek hem-de elektron söwda hyzmatyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. 2025-nji ýylyň 1-nji apreli ýagdaýyna ýurdumyzyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlarynyň sany 2,1 milliondan geçdi, geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 106,0 göterim ýokarlandy.

«Internet bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 432,6 müňden geçdi, olaryň sany geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 109,8 göterim ýokarlandy, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany bolsa 16,7 müňe ýetdi, olaryň sany geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 113,8 göterim artdy. Hasabat döwründe bankomatlaryň, töleg terminallarynyň, «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» we «Halkbank terminal» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 1,38 mlrd. manada barabar bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 2,02 esse artdy. Bank tarapyndan şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynyň dowamynda bankyň www.dayhanbank.gov.tm resmi internet sahypasynyň üsti bilen müşderileriň «Onlaýn-karz» ýüztutmalary arkaly jemi 3,8 müňden gowrak müşderilere berlen karzlaryň möçberi 102,4 mln. manada barabar boldy.

Bankda ornaşdyrylan «Menzilara bank» hyzmaty nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine ýardam berýär.

Fiziki şahslar üçin niýetlenen «Menzilara bank» ulgamy daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan hem-de ýurdumyzyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi zerur bolan raýatlarymyz üçin milli puly daşary ýurt puluna çalyşmaga, şol sanda halkara «VISA», «MasterCard» töleg kartlarynyň hasaplaryny onlaýn görnüşde doldurmaga mümkinçilik berýär.

«Menzilara bank» ulgamyndan peýdalanmak üçin raýatlarymyz banka bir gezeklik gelip, tölege degişli resminamalarynyň asyl nusgalaryny barlatmaly hem-de daşary ýurt pulunda goýum hasabyny açmak we ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Şeýlelik bilen, bankyň www.dayhanbank.gov.tm resmi internet sahypasynyň «Onlaýn töleg geçirmek» bölüminiň üsti bilen sanly hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanmak bolýar. «Menzilara bank hyzmaty» ulgamy ýurdumyzyň islendik künjeginden internete birikdirilen enjam arkaly

tölegleri geçirmäge, hasaplaryňyzyň galyndysyny barlamaga, olaryň göçürmesini almaga, karzlaryň, depozitleriň töleg tertibini görmäge, karz serişdelerine gözegçilik etmäge, bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmaga hem-de dürli görnüşli bank amallaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Bu ulgamy birikdirmek isleýänler bankyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilerler. Müşderiler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan ulanyjynyň adyny we açarsözüni alyp, ýörite internet sahypasyndaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bolýar. Bu hyzmat ulgamy pul serişdelerini günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga hem-de wagty tygşytlamaga ýardam edýär. Elbetde şular ýaly hyzmatlaryň döredilmegi hem bankda işleriň giň gerimli alyp barýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzyň bank ulgamyny kämilleşdirmek we ösdürmek boýunça amala aşyrylýan işler raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen bank ulgamynda ornaşdyrylýan sanly tehnologiýalar arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hili yzygiderli ýokarlandyrylýar, programma üpjünçiligi kämilleşdirilýär. Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna, täze hünär ugurly iş orunlarynyň döredilmegine, harajatlaryň peselmegine, maglumatlaryň elýeter bolmagyna we täze bazarlara çykmagyna mümkinçilikleriniň artmagyna ýardam berýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini, maliýe-bank ulgamyny ösdürmekde taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň
Ykdysady seljerme we maliýe müdirliginiň
Ykdysady seljerme we çaklaýyş bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MÜŞDERILER ÜÇIN DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, pul-karz syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmek, ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň berk binýadyny pugtalandyrmak öňde goýulýan esasy wezipeleriň biridir.

Homatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyny gazanmaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga gönükdirilen karzlaşdyryş ulgamy babatda giň möçberli işler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda telekeçilik işi bilen meşgullanmaga başlaýan hususy telekeçilere maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin ýyllyk 5 göterim bilen 2 ýyla çenli ýeňillikli döwür bilen 7 ýyl möhlete iň pes aýlyk zähmet hakynyň 500 essesine çenli möçberde ýeňillikli karzlaryň berilmekligi dowam edilýär. Kiçi we orta telekeçilige degişli taraplaryň maýa goýum taslamalaryna ýyllyk 5 göterim bilen önümçiligiň ugurlaryna laýyklykda ýeňillik döwri kesgitlenip 10 ýyla, dolanşyk serişdeleri almak üçin 1 ýyla çenli möhletli ýeňillikli karzlaryň berilmegi yzygiderli alnyp barylýar.

Oba hojalyk önümlerini öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskowatorlary hem-de buldozerleri, suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirjileri satyn almak üçin, ýyllyk 1 göterimden karzlary bermegiň tertibine laýyklykda her ýylda deň paýlarda gaýtarmak şerti bilen ulanyş möhletinden ugur alyp 10 ýyla çenli möhlete, karzyň hasabyna satyn alynýan oba hojalyk tehnikalarynyň, gurallarynyň we abzallarynyň hem-de oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskowatorlaryň hem-de buldozerleriň, suwy tygşytlaýjy tehnikalaryň, enjamlaryň bahasynyň 70 göterimine çenli bölegini girewe almak we üpjünçiligiň galan bölegine karz alyjynyň aljak girdejilerini, girew, bank kepilligini ýa-da üçünji tarapyň zamunçylygyny almak bilen ýeňillikli karz serişdelerini bermek boýunça degişli işler yzygiderli alnyp barylýar.

Milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen 5 ýyla çenli möhlete, milli programma önümleriniň döretmek we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen 3 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlaryň berilmegi dowamly alnyp barylýar.

Mundan başga-da milli ykdysadyýetimiziň dürli ugurlarynda telekeçilik işine döwlet goldawyny bermek, täze iş ýerlerini döretmek, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanmaga başlaýan fiziki şahslaryň – hususy telekeçileriň telekeçilik başlangyçlaryny goldamak we maýa goýum işjeňligini höweslendirmek maksady bilen önümçilik maksatly karzlaryny berilmekligi dowam edilýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasaty türkmen halkynyň bagtyýar we abadan durmuşda ýaşamagyna gönükdirilendir. Hormatly Prezidentiniň Kararyna laýyklykda durmuş guran ýaş maşgalalara, ýyllyk 1 göterim bilen 3 ýyla çenli möhlete 20 000 manat möçberinde öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlaryň berilmegi dowamly alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda Türkmenistanyň döwlet daşary

ykdysady iş banky tarapyndan ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde tölegli esasda bilim alýan fiziki şahslara ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlaryna okuwyň we umumy ýaşaýyş jaýynyň tölegleri nagt däl görnüşinde tölemek üçin, ýyllyk 5 göterim bilen, 10 000 manada çenli möçberde «Talyp karzlaryň» hem berilmegi dowam edilýär.

Şeýle hem, ýurdumyzyň ýörite orta okuw jaýlarynda we okuw merkezlerinde dürli ugurlar, ýagny daşary ýurt dillerini öwrenmek, buhgalter hasaby, iş ýörediş, kompýuter sowatlylygy ugurlary boýunça okamak üçin fiziki şahslara ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlaryna, 6 ýaşdan ýokary çagalary mental matematika we daşary ýurt dilleri okuwlarda okatmak üçin olaryň ýakyn garyndaşlaryna okuwyň bahasyny nagt däl görnüşinde tölemek üçin, ýyllyk 5 göterim bilen 2 ýyla çenli möhlete 10 000 manada çenli möçberde karz serişdeleri berilýär.

Raýatlara melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen, oba hojalyk önümlerini öndürmek, esasy we dolanşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmek maksadyna ýyllyk 10 göterim bilen, 3 ýyla çenli möhlete 30 000 manada çenli möçberde kiçi göwrümli karzlaryň hem berilmegi dowam edilýär.

Türkmenistanyň döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan müşderilere Aşgabat şäheriniň resmi diler merkezlerinde satylýan täze ýeňil awtoulaglary satyn almak üçin ýyllyk 7 göterim bilen satyn alynýan ýeňil awtoulagyň bahasynyň 70 göterimini karzlaşdyrmak üçin 5 ýyla çenli möhlete nagt däl görnüşinde karzlar berilýär. Karzyň üpjünçiligi hökmünde gozgalmaýan emlägi girewe almak we raýatyň ýa-da edara-kärhananyň zamun durmagy talap edilýär.

Mundan başga-da bankymyz tarapyndan raýatlara ýyllyk 10 göterim bilen 3 ýyla çenli möhlete 20 000 manatdan 80 000 manada çenli möçberde sarp ediş karzlary berilýär. Şeýle hem raýatlarymyza bankyň müşderisi bolan edara görnüşli taraplaryň ýa-da telekeçileriň (satyjylaryň) dükanlaryndan hojalyk harytlaryny, sanly tehnologiýa enjamlaryny we beýleki harytlary satyn almak üçin ýyllyk 10 göterim bilen 40 000 manada çenli karz serişdeleri berilýär.



Bulardan başga-da bankymyz tarapyndan bank kart hasaplaryna geçirilýän aýlyk zähmet haklarynyň, pensiýalarynyň, döwlet kömek pullarynyň, talyp haklarynyň üç essesinden geçmeýän möçberine çenli ýyllyk 12 göterim bilen owerdraft karzy berilýär. Owerdraft karzy – söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl hasaplaşyklar geçirilende bank kartynyň galyndysy azalyp, töleg geçirmek üçin pul serişdeleriniň ýetmedik ýagdaýynda, müşderä bank tarapyndan awtomatiki usulda berilýän gysga möhletleýin karz serişdesidir.

Ýurdumyzda halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak öňde goýulýan esasy wezipeleriň biridir, çünki biziň ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Döwlet diňe halky bilen Döwletdir! Watan diňe halky bilen Watandyr!» şygary baş ýörelgämizdir. Bize öwrenmäge, döretmäge, halal zätmet çekmäge, abadan durmuşda ýaşamaga, ýurdumyzyň ykdysady ösüşine öz goşandymyzy goşmaga ähli şertleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys.

Türkmenistan döwletimizi günsaýyn ösüşlere tarap alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri mundan beýläk hem diňe rowaçlyklara beslensin!

**Asmangül MÖWLAMOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Aşgabat şäher şahamçasynyň
Hasaplaşyk amallar bölüminiň esasy hünärmeni,
Ilkinji zenanlar guramasynyň işjeň agzasy

# TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY: HALK BÄHBITLI HYZMATLAR

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen şu ýylda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmäge, berk maliýe-bank ulgamyny döretmäge, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen düýpli maliýe özgertmeler ykdysady ösüşiň esasy bolup durýar.

Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda gol çekilen Döwletara Memorandumyna laýyklykda, ýurduň çägindäki daşary ýurt maýa goýumly ilkinji bilelikdäki bank hökmünde döredildi. Bu bank ýurdumyzda hususyýetçileriň, şol sanda telekeçileriň önümçilik maksatly taslamalaryny maliýeleşdirmekde, raýatlara dürli görnüşli karz we goýum hyzmatlaryny ýerine ýetirmekde, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmekde öz işjeňligini alyp barýar.

Bankyň düzümi 17 bölümden we 7 sany bank gullugyndan ybarat bolup, ilata bank hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini ýokary derejede we öz wagtynda ýerine ýetirýär.

2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna bank tarapyndan ornaşdyrylan bank kartlarynyň sany 138,2 müňden geçdi, töleg terminallarynyň sany bolsa 2,1 müňe ýetdi, bu görkezijiler geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende degişlilikde 12,0 we 9,0 göterim ýokarlandy.

2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna bank tarapyndan ornaşdyrylan «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 13,5 müňe «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilenleriň sany bolsa 1,4 müňe ýetdi. Bank tarapyndan şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» hem-de «Elektron söwda» ulgamlaryny üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 194,0 mln. manada ýetdi, ýagny bu görkeziji hasabat döwründe bank ulgamy tarapyndan nagt däl görnüşde geçirilen ähli tölegleriň 112 göterime golaýyny emele getirdi.

Bank tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirilýän «Internet-bank», «Mobil-bank» hem-de «Elektron söwda» hyzmatlaryndan işjeň peýdalanylmagy öz gezeginde bankyň müşderileriniň pul serişdelerini, şeýle hem gymmatly wagtlaryny tygşytlamaga ýardam berýär.



Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda geçirilýän amallaryň tizligini we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek boýunça işler yzygiderli geçirýär. Bankyň halkara SWIFT ulgamyna goşulmagy netijesinde, berilýän hyzmatlaryň has kämil bolmagy, ýerine ýetirilýän bank amallarynyň halkara standartlaryna laýyk ýerine ýetirilmegine we müşderileriň hasaplaşyklarynyň, tölegleriniň has çalt amala aşyrylmagyna amatly şertleri döredýär. Ilatyň erkin pul serişdelerini bank goýumlaryna çekmek maksady bilen, goýum hasaplarynyň görnüşlerini artdyrylýar, bank önümleriniň düzümi giňeldilýär.

Bankyň her bir işgäriniň ylym-bilim babatdaky ýokary başarnygy, müşderiler bilen medeniýetli, mylakatly gatnaşygy bankyň abraýynyň artmagyna, müşderileriniň sanynyň köpelmegine şeýle hem maliýe ýagdaýynyň pugtalanmagyna getirýär.

Bu bank Türkmenistanyň Bankara pul biržasynyň agzasy bolmak bilen, ýurduň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň gatnaşyjysy bolup durýan edara görnüşli taraplaryň we hususy









telekeçileriň isleglerini kanagatlandyrmak, şeýle hem banka degişli daşary ýurt pullaryny alyş-çalyş işleriniň bökdençsiz işlemegini üpjün etmek üçin biržanyň söwdalaryna yzygiderli gatnaşýar.

2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynda berlen karzlaryň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 2 essä golaý artdy, karz goýumlaryň galyndysy boýunça 109 göterim ýerine ýetirildi.

Bank öz müşderilerine häzirki zaman bank hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini hödürleýär. Ýagny önümçilik maksatly, maýa goýum taslamalary üçin, dolanyşyk serişdelerini almak üçin, durmuş gurýan ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almaklary üçin ýeňillikli karzlary we milli manatda goýumlaryň dürli görnüşlerini hödürleýär.

Ýurduň durnukly ykdysady ösüşine öz mynasyp goşandyny goşýan bu bank hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek, müşderiler bilen hyzmatlaryny kämilleşdirmek, ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegini ösdürmek, hususy telekeçilik işini karzlaşdyrmak ýaly ugurlar boýunça işleri yzygiderli alyp barýar.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, bu bank edara görnüşli taraplara we edara görnüşli tarap bolmadyk hususy telekeçilere önümçiligi ösdürmeklige we giňeltmeklige, haryt öndürmeklige, gysga we uzak möhletli hem-de raýatlara melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen, oba hojalyk önümlerini öndürmek, esasy we dolanşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmek maksadyna kiçi göwrümli karzlaryň hem berilmegi dowam edilýär.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk hem ösdürmek üçin kesgitlenen strategik ugurlary durmuşa geçirmekde netijeli bank ulgamynyň bolmagy wajyp şertleriň biri bolup durýar. Şonuň üçin bankymyz öz hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek, maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, töleg amallaryny kämilleşdirmek ýaly çäreleri durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde, şeýle-de bize şeýle ajaýyp zamanada netijeli işlemäge şert döredip berýän Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, başlary dik bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Begençmyrat ILAMANOW,**
Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe hasabatlary we ylmy-önümçilik
bölüminiň müdiriniň orunbasary

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2025 г.

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2025г.

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 апреля 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2025




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№3
2025
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 апреля 2025 г.
Authorized capital size as of 1 April 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)
Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 апреля 2025 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 April 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| **GÖRKEZIJILER** ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi ед. измер. measure unit | 01.04.2024 | 01.01.2025 | 01.04.2025 | 01.04.2025 01.01.2025-e, %-de | 01.04.2025 01.04.2024-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary** Зарегистрированные кредитные учреждения Registered credit institutions | sany количество number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik - государственно-коммерческие - state-commercial | sany количество number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik - акционерно-коммерческие - joint-stock commercial | sany количество number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary - филиалы иностранных банков - branches of foreign banks | sany количество number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky - Государственный банк развития - State Development bank | sany количество number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» - «Туркменская инвестиционная компания» - «Turkmen investment company» | sany количество number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany** Количество филиалов кредитных учреждений Number of branches of credit institutions | sany количество number | **150** | **149** | **149** | *100,0* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany** Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany количество number | **7 181 426** | **7 675 485** | **7 875 215** | *102,6* | *109,7* |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany** Численность работников кредитных учреждений Number of employees of credit institutions | sany количество number | **7 658,8** | **8 408,5** | **8 452,8** | *100,5* | *110,4* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi** Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat млн манат mln manat | **7 232,8** | **7 432,33** | **7 511,99** | *101,1* | *103,9* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)** Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat млн манат mln manat | **18 106,71** | **16 997,27** | **14 610,70** | *86,0* | *80,7* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary** Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat млн манат mln manat | **88 024,83** | **92 135,71** | **89 936,28** | *97,6* | *102,2* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)** Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat млн манат mln manat | **40 636,00** | **40 178,70** | **37 506,25** | *93,3* | *92,3* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2025 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2025 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of April 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **8** | 1 | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **23** | **1** | **3** | **3** | **4** | **10** | **2** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 апреля 2025 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of April 1, 2025

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 2 723 352,7 | 36,3 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 878 069,5 | 25,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 37,9 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,00 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 511 993,20** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2025-nji ýylyň mart aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в марте 2025 года
Interest rates declared at the credit auction of CBT in March, 2025

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов<br>Terms of Credits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года<br>Up to 1 year | 5,0 % |

## 2025-nji ýylyň mart aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в марте 2025 года
Interest rates declared at the deposit auction of CBT in March, 2025

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов<br>Terms of deposits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц /1 month | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяц /2 month | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца /3 month | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана
Refinance rate of the Central Bank of Turkmenistan

| Hereket eden döwri<br>Период действия<br>Period of validity | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,%<br>Interest rate,% | Esas<br>Основание / Authorizing document |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.125 08.07.1997 |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.196 of 06.08.1998 |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.212 of 03.08.1999 |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.39 of 11.02.2000 |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 161 of 25.05.2000 |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 02.01.2001 |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г.<br>Order of the Central Bank of TurkmenistanNo. 304 of 07.12.2001 |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 23.01.2003 |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 133 of 25.05.2004 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*
*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана
## Standards for deductions of credit institutions to the required reserves with the Central Bank of Turkmenistan

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата<br>Confirmed date | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов<br>Required Reserves Level | Bellikler<br>Примечания / Notes |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц<br>- for term deposits, accounts in national and foreign currency of legal entities |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц<br>- for other funds in national currency of legal entities |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц<br>- for other funds in foreign currency of legal entities |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>-on term deposits of legal entities in national currency |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
